# Mahsanyñ ejesi: «Sessiz yzamyz…»

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Mahsanyñ ejesi: "Sessiz yzamyz…" MAHSANYÑ EJESI: «SESSIZ YZAMYZ…»




*Geçen ýyl Mahsa Amini bilen Eýrandaky «Zenan, ýaşaýyş, azatlyk» hereketine berilýär. Mahsanyñ maşgalasy baýrak gowşuryş dabarasy üçin Strasburga çagyrylýar. Eýran režimi maşgalanyñ gitmegine rugsat bermändir*
Ýas – gadymy türki dilinde «ýitgi, hasrat» manysynda. Oguz dilinde «ölüm, heläkçilik manysynda. Gypjak dilinde «eza (yza), gynanç» manysynda.
Türki dili bulen meşhurlyk gazanan Mahmyt Kaşgary ylmy häsiýetli, şol bir wagtyñ özünde arap söwdagärleriniñ Orta Aziýa gidenlerinde praktikada ulanmagy üçin 1073-nji ýylda «Diwany lugat-et türk» kitabyny ýazypdyr.
Iki gündür jedeli edilýän «ýas»…
Ýas sözüniñ manysy boýunça iñ köne çeşme Mahmyt Kaşgarynyñ

kitaby. Sözler gadymy türki, oguz, gypjak dilleri bilen deňeşdirmeli berilýär.
Gündelik dilde bolsa, ýas – sylanýan adamyň ölüminiň yzyndan bildirilýän hormatyň görkezijisi.

- **Reisi üçin ýas**

Eýranyň prezidenti Reisi wertolýot heläkçiliginde aradan çykýar. Türkiýe bir günlük ýas yglan edýär. «Ýas» sözüniň Mahmyt Kaşgarynyň biziň günlerimize çenli ulanylan manylary bilen baglanyşyklykda:
«Reisi Türkiýe üçin gynançmy, ýitgimi? Sylanýan birimi?..»
Türkiýäniň Reisiniň ölümi üçin ýas yglan etmegi döwletara gatnaşyklaryna aýratyn üns berýändiginiň netijesi bolup biler. Emma bize ýönekeý raýatlar hökmünde ol ýasa goşulmagyň geregi ýok!..
Galyberse-de…




- **Eýranyñ şeýden ýeri barmy?**

Eýranyñ Türkiýe üçin ýas yglan eden ýeri barmy?..

Prezidentler Turgut Özal, Süleýman Demirel dagy aradan çykanda…
Ýüzlerçe raýatlarymyzyñ köpçülikleýin ömür tanapynyñ üzülen wagtynda…
Zoma tragediýasynda…
Ankara duralgasy teraktynda…
Beşiktaş, Reýhanly, Gury Çeşme, Soltanahmet, Atatürk howa menzili teraklarynda…
Müñlerçe adamyñ biwagt aramyzdan aýrylan wagtynda…
6-njy fewral ýer yranmasynda…
Eýran bizi sylap, ýas yglan edýärmi?..
Ýok!..
Onda bizdäki ýas yglany nämäni añladýar?

- **Göz üçin ýas**

Däp bolup gelşi ýaly ýas tutanda toý-şagalañlar ýatyrylýar, gara geýinilýär, gülüp gepleşilmeýär. Radio, telewizor açylmaýar…
Düýn seredýän welin… Baýdaklar göwünli-göwünsiz aşak düşürilýär. Muña derek… Birnäçe ýolary okuw jaýynda berilýän konsertleriñ goýbolsun edilmeginden başga olar resmi taýdan muña eýermäge borçly. Köçedäki adamlar üçin ýasyñ hiç hili manysy ýok.
Galyberse-de, Reisiniñ baş prokuror bolup işlände beren ölüm permanlaryny, soñ-soñlar adam hukuklarynyñ gödek bozulmalaryna ýol berendigini halk köpçüliginiñ arasynda bilmeýån ýok.

- **Bişow habarnamalar**

Reisiniñ öz ýurdunda-da, dünýäde-de «sylagy» onçakly gowy däl.
Öz ýurdunda ol konserwatiw, şerigata wekilçilik edýän Yslam Rewolýusiýasy güýçleriniñ Halk frontynyñ agzalaryndan. Saýlawlarda halkyñ ýarsyndanam az böleginiñ sesleri bilen saýlanýar.
Halky berk gysyp saklamagyñ tarapdary bolan bu adam dünýädäki adam hukuklary guramalarynyñ habarnamalarynda bişow häsiýetlendirmeler bilen agzalýar.

## • «Saçy göründi» jenaýaty

2022-nji ýylyň 16-njy sentýabry Eýranda aýal-gyzlaryň adaty durmuşa geçmekleriniň öňüni alan gara günleriň biri.
Aýallar üçin adaty durmuş näme?..
«Islän aýal kelleaçyk gezer, islän ýapynyp gezer!.. Kime gyzykly kimiň nähili geýinip ýaşaýany?..»
Kelleaçyk gezesi gelen 23 ýaşly Mahsa Amini Tähranda Yslam Respublikasynyň «Ahlak polisiýasy» tarapyndan degişli polisiýa edarasyna äkidilýär we öldürilýär.
Ol jenaýat Eýranda režimiň garşysyna gidýän müňlerçe adamy köçelere dökdi, prezident Reisi we onuň hökümeti birnäçe günläp ýazgaryldy.
BMG-nyň habarnamalarynda muňa:
– Režimiň ýowuz garaşylyk berendigi;
– Protest demonstrasiýalarynda 551 demonstratyň öldürilendigi;
– Ýigrimi müň raýatyň tussag astyna alynandygy aýdyp durka-da…
Dokuz demonstrat ölüm jezasyna höküm edilýär. Hut prezident Reisiniň görkezmesi bilen!

## • Baýrak gowşuryş dabarasyna gitmek gadagan

Mahsa Amininiň ejesi jenaýatyň üstünden bir ýyl geçensoň birinji gezek dil açyp, «BBC» habarlar gullugyna interwýu berýär:
«Sessiz yzamyzyň jenneti lerzana salyp biljek güýçdedigine ynanýaryn».
Diýdimzor režim Mahsanyň maşgalasynyň gynanjyny agzamagyna-da rugsat bermeýär, neressäniň ejesi şonuň üçin «sessiz yzamyz» sözüni ulanýar.
Munuň bilenem çäklenmeýär.
Ýewropa bileleşiginiň Saharow adyndaky baýragy 1988-nji ýyldan bäri adam hukuklary ugrunda göreşýänlere berlip gelinýär…
Geçen ýyl bu baýrak Mahsa Amini bilen Eýrandaky «Zenan, ýaşaýyş, azatlyk» hereketine berildi. Mahsanyň maşgalasy baýrak gowşuryş dabarasy üçin Strasburga çagyrylýar. Eýran režimi maşgalanyň gitmegine rugsat bermändir.
Şulary bilip durkaňyzam, Reisi üçin ýas tutup bilermikäňiz?..

Ýalçyn DOGAN.

a.yalcindogan@gmail.com

«T24» internet gazeti, 22.05.2024 ý. Publisistika